# Turkmence - Spiritual Warfare Introduction Scriptures

**Lukanyň Hoş Habary 17:5 Resullar Rebbe: «Biziň imanymyzy köpelt!» diýdiler.**

**Pawlusyň Rimlilere Haty 10:17 Şeýlelik bilen, iman eşitmek arkaly, eşitmek hem Hudaýyň sözi arkaly bolýandyr.**

**Lukanyň Hoş Habary 11:1 Günleriň birinde Isa bir ýerde doga edýärdi. Dogasyny gutaranda, şägirtleriniň biri Oňa: «Ýa Reb! Ýahýanyň öz şägirtlerine öwredişi ýaly, Sen hem bize doga etmegi öwret» diýdi.**

**1 Timoteosa Haty 2:1-4 Her zatdan öň şuny ündeýärin: biz takwa hem agras, aram we gep-gürrüňsiz ýaşar ýaly, bütin adamlar, 2 patyşalar we häkimiýet eýeleriniň bary üçin dilegler, dogalar, ýalbaryşlar hem şükürler edilsin. 3 Çünki bu oňat we Halasgärimiz Hudaýyň halaýan zadydyr. 4 Ol bütin adamlaryň gutulmagyny, hakykat bilimine ýetmegini isleýändir.**

**Zakarýa 3:1,2 Men Rebbiň perişdesiniň öňünde duran baş ruhany Ýeşuwany hem-de ony günäkärlemek üçin sagynda duran şeýtany gördüm. 2 Reb şeýtana şeýle diýdi: «Reb saňa käýeýär, eý, şeýtan, Iýerusalimi saýlan Reb saňa käýeýär! Bu adam otdan çykarylan kesindi dälmi näme?»**

**Efeslilere Haty 6:12 Sebäbi biziň söweşimiz ynsanlara garşy däl-de, eýsem bu garaňkylyk dünýäsiniň hökmürowanlaryna we gögüň älemindäki ýowuz ruhy güýçlere, şeýle-de, hökümdarlary bilen ygtyýarlylaryna garşydyr.**

**Efeslilere Haty 6:10,11 Şunlukda, Rebbiň beýik güýji bilen kuwwatlanyň. 11 Iblisiň hilelerine garşy durup bileriňiz ýaly, Hudaýyň beren ähli ruhy ýaraglaryny dakynyň.**

**Efeslilere Haty 6:13-17 Şonuň üçin ýaman döwürde gaýtawul berip bilmegiňiz üçin, Hudaýyň ähli ýaraglaryny dakynyň. Şonda ornuňyzda berk durmagy başararsyňyz. 14 Şeýlelikde, hakykaty biliňize guşak edip dakynyň, dogrulygy egniňize sowut edip geýiň. 15 Aýagyňyza bolsa parahatlyk getirýän Hoş Habary wagyz etmek taýynlygyny geýiň. 16 Bularyň ählisiniň üstesine-de, imany galkan edinip dakynyň! Onuň bilen şeýtanyň bütin otly oklaryny öçürmegi başararsyňyz. 17 Şeýle hem gutulyş tuwulgasyny geýip, Hudaýyň sözüni, ýagny Mukaddes Ruhuň gylyjyny ele alyň.**

**Ýewreýlere Haty 4:12 Hudaýyň sözi diri hem täsirlidir, her bir iki ýüzli gylyçdan kesgirdir. Ol jan hem ruhy, bogunlary hem ýiligi bölýänçä batýandyr, ýüregiň düşünjeleridir niýetlerine höküm edýändir.**

**Lukanyň Hoş Habary 4:8 Isa oňa şeýle jogap berdi: «Meniň ýanymdan güm**

bol, şeýtan! Öz Hudaýyň Rebbe sežde et, diňe Oňa gulluk et diýip ýazylgydyr».

Efeslilere Haty 6:18 Her bir ýagdaýda ýalbarmak bilen, Mukaddes Ruhuň ylhamy arkaly Hudaýa doga-dileg ediň. Hüşgär boluň, Hudaýyň ähli halky üçin hemişe dilegde boluň.

1 Şamuwel 17:45-47 Soňra Dawut piliştlä: «Sen meniň üstüme gylyçly, naýzaly we gamaly gelýärsiň, emma men seniň üstüňe seniň gyjalat beren Ysraýyl goşunynyň Hudaýy Hökmürowan Rebbiň adyndan gelýärin. 46 Şu gün Reb seni meniň elime berer we men seni urup, kelläňi keserin. Men bu gün piliştlileriň ählisiniň läşini ýyrtyjy guşlardyr ýabany haýwanlara şam ederin. Şonda tutuş ýer ýüzi Ysraýylda Hudaýyň bardygyny biler. 47 Şu ähli halk Rebbiň gylyçdyr naýzaly halas etmeýändigini biler, çünki söweş Rebbiňkidir. Ol sizi biziň elimize berer».

Lukanyň Hoş Habary 10:17-20 Ol ýetmiş şägirt şatlyk bilen öwrülip: «Ýa Reb! Seniň adyňy agzanymyzda, jynlar hem bize boýun bolýarlar» diýdiler. 18 Isa olara şeýle diýdi: «Men şeýtanyň Gökden ýyldyrym ýaly bolup aşak inenini gördüm. 19 Ine, size ýylanlary, içýanlary we duşmanyň bütin güýjüni depelemäge ygtyýar berdim, hiç zat size zyýan ýetirmez. 20 Ýöne ruhlaryň size boýun bolmagyna däl-de, atlaryňyzyň Gökde ýazylmagyna begeniň».

2 Korintoslylara Haty 10:3-5 Çünki biz dünýäde gezýän hem bolsak, dünýä ýollary boýunça söweşýän däldiris. 4 Sebäbi biziň söweş ýaraglarymyz dünewi däldir, galalary ýykmak üçin Hudaýyň gudratyna eýedir. 5 Biz ters çekişmeleri, Hudaýyň biliminiň garşysyna aýaga galan her bir belentligi ýykyp, her pikiri Mesihe boýun bolmaga ýesir edýändiris.

Mattanyň Hoş Habary 16:19 Gögüň Patyşalygynyň açarlaryny saňa bererin. Ýer ýüzünde baglan her zadyň Gökde bagly bolar. Ýer ýüzünde açan her zadyň Gökde açyk bolar».

2 Timoteosa Haty 1:7 Çünki Hudaý bize gorkaklyk ruhuny däl-de, güýç, söýgi, nebsiňe buýurma ruhuny berendir.

Mattanyň Hoş Habary 12:28,29 Men jynlary Hudaýyň Ruhy arkaly kowýan bolsam, onda Hudaýyň Patyşalygy size-de gelendir. 29 Biri bir güýçli adamyň öýüne girip, nähili onuň malyny talap biler? Öňürti ony baglamaly bolar, onsoň öýüni talar.

Efeslilere Haty 1:13 Siz hem hakykat sözüni, gutulyşyňyzyň Hoş Habaryny eşidip, Oňa iman getireniňizde, wada edilen Mukaddes Ruh bilen Onda möhürlendiňiz.

Resullaryň Işleri 19:6 Pawlus üstlerine ellerini goýan badyna, Mukaddes Ruh olara inip, olar başga dillerde gepläp, welilik etmäge başladylar.

Markusyň Hoş Habary 16:15-18 Olara şeýle diýdi: «Bütin dünýä aýlanyň-da,

**Hoş Habary hemme adamlara wagyz ediň. 16 Kim iman edip çokundyrylsa, halas bolar, ýöne iman etmedige höküm ediler. 17 Şu alamatlar iman edýänleriň hemrasy bolar: Meniň adym bilen jynlary kowup çykararlar, täze dillerde geplärler. 18 Ýylanlary tutarlar, öldürýän zäher içseler-de, olara zyýan ýetmez. Syrkawlaryň üstüne ellerini goýarlar, olar hem sagalar».**

**1 Ýahýanyň Birinji Haty 1:9 Günälerimizi boýun alsak, Ol ynamdar, adyldyr. Günälerimizi öter, bizi her hili ýamanlykdan arassalar.**

**Müsürden Çykyş 20:5 Sen olara tagzym etme ýa-da olara gulluk etme, çünki Men Hudaýyň Reb gabanjaň Hudaýdyryn. Meni ýigrenýän atalaryň etmişiniň jezasyny olaryň çagalarynyň üçünji we dördünji arkasyna çekdirerin.**

**Zebur 109:17(108:18) Ol gargyşy don edip geýdi: goý, ol suw kimin siňsin onuň tenine, ýag kimin – onuň süýeklerine.**

**Ysraýyl Serdarlary 16:16 Delila her gün sorap, Şimşonyň ýüregine düşdi. Ol ony halys irizip, janyndan bizar etdi.**

**Efeslilere Haty 4:26 Gaharlanyň, ýöne günä etmäň. Gaharyňyzyň üstüne gün ýaşmasyn.**

**Pawlusyň Rimlilere Haty 14:12 Şeýlelikde, her kişi özi üçin Hudaýa jogap berer.**

**1 Ýahýanyň Birinji Haty 2:23 Ogly inkär edýän adamda Ata hem ýokdur. Ogly ykrar edýän adamda Ata hem bardyr.**

**Ýahýanyň Hoş Habary 14:6 Isa oňa şeýle diýdi: «Men — ýol, hakykat we ýaşaýyşdyryn, Mensiz hiç kim Ata baryp bilmez.**

**Mattanyň Hoş Habary 11:28-30 Eý argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň, Men size dynçlyk bereýin. 29 Meniň boýuntyrygymy dakynyň-da, Menden öwreniň, çünki Men mylaýym hem pes göwünlidirin, janlaryňyz dynçlyk tapar. 30 Çünki Meniň boýuntyrygym ýumşakdyr, ýüküm ýeňildir».**

**2 Korintoslylara Haty 6:2 Çünki Ol: «Amatly wagtda saňa gulak asdym, gutulyş gününde saňa ýardam etdim» diýýär. Ine, indi şu amatly wagtdyr, ine, indi şu gutulyş günüdir.**

**Pawlusyň Rimlilere Haty 10:13 Çünki: «Rebbi çagyran adam gutular».**

**Pastor T. John Franklin**
**Church of Salvation, Healing, and Deliverance**
**COS-HAD.org**